# Gyzlaryñ albomyna / goşgular toplumy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gyzlaryñ albomyna / goşgular toplumy GYZLARYÑ ALBOMYNA



■ WAH, GÖZEL GYZ…
Wah, gözel gyz, wah, näzenin, gozgama
Saçyma ak salan derdimi meniñ.

Ulaşarsyñ senem gaýgydyr-gama,
Oña döz gelermi näzik bedeniñ.

Onda yşkdan ýeten hasrat, gussa kän,
Humaý gözleñ nemleneriñden gorkýan,

Ençe gyşyñ gary basyryp ýatan,
Geçmişimden birjik lezzet tapylmaz.
Gowgaly başyma ykbaldan ýeten
Nesibäni hiç kim ýüzüne sylmaz.

Şonuñ üçin gozgama meñ derdimi,
Bir özüm çekeýin yşkyñ gerdini.

* * *

Näçe şahyr, dünýä döräli bäri,
Bir kerpiçden ördi yşky minara
Menem bagrym oýkap yşkyñ syhyna,
Kerpiç alyp barýan Beýik diwara.

* * *

Eçilipdir maña, sahylyk bilen,
Tebigat joşgunly, ylhamy, yşgy.
Her ýaşyma bir gözeli söýdüm men,
Her gözele ýazdym on sany goşgy.

* * *

Aýyp görmäñ, günälemäñ, ýazgarmañ,
Gursakda ýüregim sil ýaly joşýa,
Çydap bormy paýlap gyzlara bermän,
Diñe söýüp, söýlüp men goşgy goşýan.

* * *

Señ yşkyñdan ýeten tygyñ derdinden,
Meniñ teşne kalbym galdy ganjaryp,
Neneñ edip unudarkam men seni,

Eý, meñ iki ýüzli eziz «hanjarym».

* * *

Seni tanap-yşka düşdüm, örtendim,
Hoşlaşamda – gyýdy kalbymy gyýçak,
Hoşlaşanma gynanybam duramok,
Ýöne tananyma gynanýan biçak.

* * *

Sen ýokkañ – gözledim. Tapdym – ýitirdim,
Ejir çekdim, gama batyp oturdym.
Unutjakdym… başarmadym, ýene-de
Señ keşbiñi göz öñüne getirdim.

* * *

Çyn yhlasa jogap edip gaýtaran
Ezýetleñ-jepalañ durmady çakda.
Ýöne ýüregimi gyýyp gitseñem,
Meniñ goşgularym ýene sen hakda.

* * *

Çigilden ne gözel ýöne ýok ysy,
Datly bormy tagam, kem bolsa duzy,
Çigildemiñ bu naýynjar nusgasy,
Ýatladýar namysyn aldyran gyzy.

* * *

Sen-ä mensiz ýalñyz, men sensiz ýalñyz,
Arzuw-hyýallarma soltan bolan gyz,
Şonda-da biz ilgezek däl didara,
Undulan bolarly sataşdyran yz.

* * *

Gara saçyñ jylaw bolsa ylhama,
Ýyly mähriñ ganat bolup baglanýar,

Özüñde jemläpsiñ ähli gudraty,
Dünýäniñ nazary sende eglenýär.

Aý dogupdyr señ nurana ýüzüñde,
Meñki bu ummanyñ şemsi-kamary,
Owsun atýan gara saçyñ her tary,
Bu gursakda urýar ýürek-damary.

Garaýyşyñ nemdir teşne köñüle,
Ýylgyryşyñ lezzetiñem-lezzeti,
Señ näziñ eşretdir, jennetdir-goýnuñ,
Meñki bu dünýäniñ ähli eşreti.

Gözüñ agy gündiz, garasy-gije,
Asyl bu älemiñ bary meniñki;
Täk maña düşüpdir bu bagtly bije,
Deregne bu teşne ýürek seniñki.

* * *

Garamyk gözüñe gonan garlawaç,
Näzenin görküñe ýene görk goşýar.
Seni gören wagtym alabaharyñ,
Ilkinji gunçasy ýadyma düşýär.

Süýde ýugrulanmy aýdyñ jemalyñ,
Ýa-da şuglasyna nurana Aýyñ,
Ykbal seni ýaman gözden gorasyn,
Mynasyp bolsun-da bagtdan paýyñ.

■ YŞGYÑ ÝELGINI

Bir marala kaklyşanda nazarym,
Nazaryndan melul boldum, nädeýin,
Örtäp gitdi, gezedi-de jemalyn,
Ýeri, indi gözläp nirä gideýin.

Bir bakyşda bendi eden şol maral,
Bökjekledi aşyk kalbym düzünde,
Aý diýseñ aý, şapak diýseñ şapak bar,

Mejnun eden şol maralyñ ýüzünde.

Pisse dodaklary çala ýylgyryp,
Garaja gözleri balkyldap bakdy.
Gaşlary ýaý, kirpikleri ok bolup,
Bir bakyşda hem ýalkady, hem ýakdy.

Haýsy düzüñ maralydy ol maral,
Adyna bagş etsem dünýämde baryn.
Jemalyny geząp, inip şirwandan,
Ýañlandyryp gitdi yşkyñ dutaryn.

■ GÖZLERIÑE DÖNEÝIN

Sakar dowzah bolup, oduña ýakdyñ,
Jennet bolup nuruñ üstüme dökdüñ,
Ýeri onsoñ nädip senden däneýin,
Seniñ humaý gözleriñe döneýin.

Ganat berdiñ arzuwlarma, uçurdyñ,
Mahal-mahal umydymy öçürdiñ,
Müñ öwüsýäñ näzleriñden ganaýyn,
Seniñ humaý gözleriñe döneýin.

Gyşymy ýaz etdiñ, ýazym gyş etdiñ,
Müñ gargadyñ, ýene müñ alkyş etdiñ,
Aýt – baky parlaýyn, ýa-da süýneýin,
Seniñ humaý gözleriñe döneýin.

Ýa-ha ýalka, ýa-da gama rowa gör,
Ýa gara çek, ýa sowulmaz bagt ber,
Besdir indi azabyñdan dynaýyn,
Janym alan gözleriñe döneýin.

■ SENI BAGŞ EDEN YKBALA ŞÜKÜR

Seniñ üçin oýun, señ üçin gülki,
Ýöne ömür seji gözläp gezdim men.
Asman ýaly gözleñ pidasy boldum,
Şol gözlere şu şygyry düzdüm men.

Zülpüñi beripdir suwlar perisi,
Sen näzenin, ähli gyzlar seresi,
Şol gudratly gözler bir em etmese,
Asyl bitmez ýüregimiñ ýarasy.

Haýsy ussat çekipdir señ suratyñ?
Tebigat joşupdyr gözellik saña,
Ähli miweleriñ terligi sende,
Roýuñ çalym edýär agarýan daña.

Ysyna bäs edip bilmez güllerem,
Dadyña bäs edip bilmez ballaram,
Ýeke men däl seniñ husnuña maýyl,
Öpsem diýýär saba ösýän ýellerem.

Naýza ýaly gezelende kirpikleñ,
Ýürek heder eder saljak tygyñdan.
Seret, gije ýalkym salýan Kamaram,
Reñk alypdyr señ alkymyñ agyndan.

Ýeke gün görmesem böker ýüregim,
Bir görsem göresim gelip dur ýene?
Seni bagş eden ykbala şükür,
Alkyş bolsun seni doguran enä!

■ GARAŞARYN

Düýn garaşdym, bu gün ýene garaşýan,
Ertir ýene garaşaryn, gelmeseñ.
Garaşaryn bir aý, bir ýyl, on ýyllap
Hatda ýüz ýyl garaşaryn ölmesem.

Garaşaryn, çünki dolanarsyñ sen,
Diñe baka giden gaýdyp gelmeýär.
Çyn söýgi bir aý däl, bir ýyl, on ýyl däl,
Hatda ýüz ýyldanam, asyl ölmeýär.

Ynjalar ýüregim, rahatlyk tapar,
Intizar gözlerim diñe geleñsoñ.

Ýöne bir saý bilen eglenäýseñ sen,
Garaşaryn saña gatda ölemsoñ!

## ■ ÝARYÑ YŞGYNA

Daglaryñ başynda gar bar,
Saýasynda injir-nar bar.
Ykbalymdan müñ bir razy,
Göwnümi göterýän ýar bar.

«Aşygy men bahar-ýazyñ,
Aşygy men hoş owazyñ».
Müñ arzuw bar gursagymda,
Baryndan zyýada özüñ.

Sensiñ hyýalym soltany,
Bu älemiñ genji-käni,
Özüñsiñ buza dönderip
Hem oda salýan bu jany.

Azaryñdan dynaýyn, gel,
Señ mähriñden ganaýyn, gel,
Rowa görme hijrana sen,
Gözleriñe döneýin, gel!

## ■ BIBIJAN

Saýat sährasynyñ sümbülimi sen,
Barýañ ýere basman ýüzüp, Bibijan.
Çemenli bossanyñ çyn gülümi sen,
Barýañ ýüregimi ezip, Bibijan.

Başyñ aşak egen ejap, edamy,
Syzañokmy gursakdaky sedany,
Öz ýoluña dikip goşa didäni,
Barýañ neneñ-niçik dözüp, Bibijan.

Hanjar ýaly gezelip dur kirpikleñ,
Baksañ ömür, bakmasañ ölüme deñ,
Göýäki säherde ýañlanan bir heñ,

Barýañ humaý gözüñ süzüp, Bibijan.

Señ kaddyña höwes edýär deregem,
«Bi-bi», «Bi-bi» – diýip, urýar ýüregim,
Görse galkynardy Çañly megerem,
Ýañadan waspyñy ýazyp, Bibijan.

Galam gaşlañ çytylmasyn, ýazylsyn,
Señ şanyna set müñ aýdym düzülsin,
Inkär etmän, kabul etseñ ozal sen,
Ýüregmi bereýin üzüp, Bibijan.

Diýenler döwlete ýetir ýagşy net,
Yşkyñ bolsun joşan ylhama medet
Gurbamyñkydygñy hemmä aýan et,
Ýaglyk bilen büräp ýüzüñ, Bibijan.

■ ROZA

Sen bägüliñ iñ näzijek ýapragy,
Göýä çigildeme düşen gyraw sen,
Sen dury asmanyñ älemgoşary,
Simaba meñzeýär bu näzik beden.

Señ gözleriñ misli mähir ojagy,
Gaşlaryñ el bilen çyzylan ýaly.
Meger tawusyñam görki sençe ýok,
Durkuñ näziklikden dörän mysaly.

Adaja goýañda gadamlaryñy,
Hiç dözer ýaly däl tozana-toza
Armanym ýok, siñsem şol näziklige,
Eý, meñ daşy ýaran bagtym, Roza!

■ JEMILE

Sen Nepesuñ waspyn eden Bossany,
Ýa Hatyjasy däl beýik Seýdiniñ,
Sen sadaja bir gyz, ýönekeýje gyz,
Sen merjen gaşysyñ meniñ beýdimiñ.

Seň ýüzüň aýam däl, saçyňam gije,
Ýöne gözleriňde ýok mekir-hile.
Çüwerdi meň bagtym düşäýse bije,
Eý sadaja gözel, juwan Jemile.

■ SONAM

Senmi asmanyň aýy,
Senmi bagtymyň paýy,
Senmi Patmanyň taýy,
Söwdügim, serwim Sonam.

Jadymydy gözleriň,
Şerbetmidi sözleriň,
Jennetmidi ýüzleriň,
Söwdügim, serwim Sonam.

Gamgyn köňlüň aramy,
Ýa sen mahy-paramy,
Zülpleriň sitaramy,
Söwdügim, serwim Sonam.

Ýyldyzymy asmanyň
Dermany men hassanyň,
Sen sebäbi gussamyň,
Söwdügim, serwim Sonam.

■ ÝOLÖTENIŇ MARALY

Gördüm seni Ýolöteniň düzünde,
Keminäniň «ap-ak ýüzli» Maraly.
Seň jemalyň ýokdur aýyň ýüzünde,
Şol jemaldan galdy kalbym ýaraly,
Öwürme ýüzüňi birje göreli,
Ýolöteniň ap-ak ýüzli Maraly.

Seni gören höwes edip eseder,
Seň yşgyňdan bilbil nalap, ses eder.
Meger hindi gyzy saňa bäs eder,

Ýeke pursat golaýyňda duraly,
Ýa-da ejaza ber, bile ýöreli,
Ýolöteniň ala gözli Maraly.

Aslyň hüýrdenmidi ýa melekdenmi,
Tarypyňy sözlän bir ýeke menmi,
Tapmazlar Magrupdan-Maşryga çenli,
Seň ýalyny gözläp gündiz çyraly,
Bir özüňe müň älemi bereli,
Ýolöteniň alaw közli Maraly.

Göz astyndan bakyşyň bir jadymy,
Gözleriňde gördüm yşkyň oduny.
Ýüregime ýazyp seniň adyňy,
Öýňüze ýüzük alyp baraly,
Ýylgyrşyňy razylyga ýoraly,
Maňa bagtdan ýeten paý bol, ber eli,
Ýolöteniň humaý gözli Maraly!

■ SAÝRA DUTAR

Saýra dutar, düzüp goşa taryňy,
Men goşaýyn tarypyňa gazaly.
Wasp edeli bile meniň ýarymy,
Bahar gyzy bahar Dünýägözeli.

Saýra dutar, ýaňlandyryp kirşiňi,
Wasp et ýaryň assa basyp barşyny,
Yhlasymyz yşgymyzyň erşini,
Ykbal argajyna çatsyn ozaly.

Saýra dutar, towla kirşiň gulagyn,
Ýatladýar ýar boz maralyň owlagyn.
Yşk atly ummanyň gaýnan bulagyn,
Ylham alan ýürek bilen süzeli.

Saýra dutar, şelpe kakyp saýra sen,
Ýaryň waspy dumly-duşa ýaýrasyn.
Didelem gözlemez gyzlaň gaýrysyn,

Şol gözeliñ hasratyna dözeli.

## ■ ARZYLY HAT

*Sergeý Ýeseniniñ äheñinde*

Salam ýaşlygymyñ arzyly güli,
Bimaza edýärin ýene men seni.
Hat ýazýaryn saña iñ soñky gezek,
Biraz ynjydaýsam bagyşla meni.

Daglar goýdy ýüreklerde aýralyk,
Tapmadym bagtymy senden aýrylyp.

Şine alyp ýüreklerde söýgimiz,
Ter gunçalar düwüp açypdy güller.
Yşgymyza joşup aýdym aýdardyk,
Ýatlama öwrüldi arzyly günler.

Gunçalar gül açdy ýene görsene,
Maña şol aýdymy aýdyp bersene!

Ýatlama öwrüldi arzyly günler –
Bagtymyñ gol bulap çagyran güni.
Düzülen kirişler gitdi azaşyp,
Arzyly mukamym ýitirdim seni.

Şol şirin mukamy küýseýär ýürek,
Bu teşne ýüregi gandyrmak gerek.

Özgä göwün berdim «unutmak» üçin,
Gursagymda täze yşgy otladym.
Şat günlerim düşmeseñ-de ýadyma,
Gamly günüm ýene seni ýatladym.

Senem her wagtlar ýatlap dursana,
Ýene şol aýdymy aýdyp bersene!

Bagtly bol, arzylym, küýseme meni,
Maña bolan duýgyñ gaýdyp dömmesin.

Hatda seň ýşgyňda şehit bolsamam,
Meň üstüme ýeke damjaň dammasyn.

Sen hakdaky ýatlamada bir ajap,
Bagtly bol arzylym,
Gurban Rejep.

1979. Goşgular